**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2025-nji ýylyň 25-nji dekabryndaky № 87-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1-hasaba alyş enjamlar “Ulgamlaýyn gazyň, suw geçirijilerindäki suwuň, elektrik energiýasynyň sarp edilişini hasaba alýan enjamlar bilen öýleriň we özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň abzallaşdyrylyşy barada hasabat” (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 1-hasaba alyş enjamlar döwlet statistik hasabatlylygyň formasy boýunça tabşyrýarlar:

1. Ýaşaýyş jaýlarynda ýaşaýan ilatyň ulgamlaýyn gazyň, suw geçirijilerindäki suwuň, elektrik energiýasynyň sarp edişini hasaba alnyşyny amala aşyrýan kärhanalar (guramalar) tarapyndan – ýanwaryň 10-na ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna we özünden ýokarda durýan edarasyna;

2. “Türkmengaz” döwlet konserni, Türkmenistanyň Energetika ministrligi tarapyndan Türkmenistan boýunça, welaýatlar, Aşgabat ş. we Arkadag ş. boýunça jemleýji hasabaty ýanwaryň 20-ne Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine tabşyrylýar.

Maglumatlar kärhana boýunça tutuşlygyna hem-de etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň bölünşiginde, şol sanda şäher ilatly ýerleri we oba ýerleri boýunça görkezilýär.

Hasabat düzülende 2-nji sahypanyň ýokarky bölegindäki bentler boýunça öýjüklerde degişli kody görkezmeli.

**1-nji** kody “Türkmengaz” döwlet konserniň ilat tarapyndan ulgamlaýyn gazyň sarp edişini hasaba alýan kärhana (guramalary) görkezýär.

**2-nji** kody ilat tarapyndan suw geçirijilerindäki suwuň sarp edişini hasaba alýan kärhana (guramalary) görkezýär.

**3-nji** kody Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň ilat tarapyndan elektrik energiýasynyň sarp edişini hasaba alýan kärhana (guramalary) görkezýär.

Kärhanalar (guramalar) tarapyndan **1-4-nji sütünlerdäki** maglumatlary doldurmak belli bir ölçeg enjamlaryny ulanmak arkaly amala aşyrylýar.

**01-nji setir** boýunça hasaba alýan enjamlar bilen abzallaşdyrylan öýleriň we özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň sany, şol sanda: 02-nji setir boýunça – şäher ilatly ýerlerinde (şäherler we şäherçeler), 05-nji setir boýunça - oba ýerlerinde görkezilýär. 01-nji setiriň maglumatlary 02-nji we 05-nji setirleriň jemine deň bolmaly. Şeýle hem, 02-nji setiriň maglumatlary 03-nji we 04-nji setirleriň jemine deň bolmaly.

Şäher ýerlerinde hasaba alýan enjamlar abzallaşdyrylan ýaşaýyş jaýlaryň sanyndan köp öýli ýaşaýyş jaýlaryň we öýleriň sany **03-nji setirde** görkezilýär, 04-nji setirde özbaşdak jaýlaryň sany görkezilýär.

Oba ýerlerinde ýerleşýän ýaşaýyş jaýlarynda hasaba alýan enjamlar bilen abzallaşdyrylan özbaşdak öýleriň sany 06-njy setirde görkezilýär.

**1-nji sütünde** hasaba alýan enjamlar bilen üpjün edilen öýleriň we özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň hasabat ýylynyň başyna bar bolany görkezilýär. 1-nji sütüniň maglumatlary geçen ýylyň hasabatynyň 4-nji sütüniň “Hasabat ýylynyň ahyryna bar bolany” maglumatlary bilen gabat gelmeli.

**2-nji sütüniň** hemme setirinde hasabat ýylynda hasaba alýan enjam bilen öýleriň we özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň abzallaşdyrylyşy görkezilýär.

**3-nji sütüniň** hemme setirinde hasabat ýylynda hasaba alýan enjam bilen öýleriň we özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň abzallaşdyrylyşynyň hasapdan aýyrylanlary görkezilýär (ýaşaýyş jaýlaryň sökülip aýrylmagyny, dolandyryş çäkleriň üýtgemegini we ş.m.).

**4-nji sütünde** hemme setirinde hasabat döwründe hasaba alýan enjam bilen abzallaşdyrylan öýleriň we özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň bar bolan sanynyň hemmesi (31-nji dekabr ýagdaýyna) görkezilýär. Şeýle hem 4-nji sütündäki maglumatlar 1-nji sütün bilen 2-nji sütüni goşup 3-nji sütüni aýyranyňda jem çykarylýar (4süt.=1süt.+2süt.-3süt.).

**Durmuş statistikasy müdirligi**